Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— GARAŞSYZ WATANYMYZ SAZLAŞYKLY ÖSÝÄN KUWWATLY DÖWLETLERIŇ BIRI HÖKMÜNDE BU GÜN DÜNÝÄDE GIŇDEN TANALÝAR.

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2026-njy ýylyň 2-nji noýabry

№ 87 (10529)

DUŞENBE



DOST-DOGANLYGYŇ AÝDYŇ BEÝANY

30-njy oktýabrda Türkiýe Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Prezident Rejep Taýyp Ärdoganyň arasynda duşuşyk geçirildi.

Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti belent mertebeli myhmany mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Döwlet Baştutanymyz Türki Döwletleriň Guramasynyň nobatdaky sammitiniň ýokary guramaçylyk derejesini belläp, sammite gatnaşmaga çakylyk, Türkmenistanyň wekiliýetine bildirilen myhmansöýerlik we duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin minnetdarlyk bildirdi hem-de Gahryman Arkadagymyzyň Prezident Rejep Taýyp Ärdogana iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary we strategik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga goşýan şahsy goşandy üçin dostlukly ýurduň Prezidentine aýratyn minnetdarlyk bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň arasynda yzygiderli geçirilýän ýokary derejeli duşuşyklar we gepleşikler syýasy, söwdaykdysady hem-de medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly itergi berýär.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Prezident Rejep Taýyp Ärdogan däp bolan dostlukly döwletara gatnaşyklaryň iki doganlyk halkyň abadançylygynyň bähbidine mundan beýläk-de ugurlaryň giň gerimi boýunça ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

«Mugallymlar gazeti».

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Türki Döwletleriň Guramasynyň XIII sammitindäki ÇYKYŞY

(Ankara şäheri, 2026-njy ýylyň 30-njy oktýabry)

Hormatly döwlet Baştutanlary!
Hormatly sammite gatnaşyjylar!

Sözümiň başynda Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti, hormatly jenap Rejep Taýyp Ärdogana Türki Döwletleriň Guramasynyň XIII sammitine gatnaşmaga çakylygy, şeýle hem türkmen wekiliýetine görkezilen mähirli myhmansöýerlik üçin tüýs ýürekden minnetdarlygymy bildirýärin. Şu mümkinçilikden peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, hormatly Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwlet Baştutanlaryna mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirmek isleýärin.

Şu günki duşuşygymyzyň Türkiýe Respublikasynyň milli baýramy bolan Respublika güni bilen gabat gelmegi aýratyn many-mazmuna eýedir. Bu şanly baýram mynasybetli Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti hormatly jenap Rejep Taýyp Ärdogany we ähli doganlyk türk halkyny tüýs ýürekden gutlaýaryn. Türkiýe Respublikasyna mundan beýläk-de gülläp ösüş, abadançylyk we täze üstünlikleri arzuw edýärin.

Hormatly sammite gatnaşyjylar!

Türkmenistan türki dünýäniň ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet berýär. Şol sebäpli, biz Türki Döwletleriň Guramasyny doganlyk döwletleriň arasynda özara ynamy berkitmegiň, netijeli gatnaşyklary ösdürmegiň we amaly hyzmatdaşlygy giňeltmegiň möhüm guramasy hökmünde görýäris. Onuň işiniň netijeli bolmagy, ilkinji nobatda, halklarymyzyň bähbidine gönükdirilen anyk başlangyçlaryň we özara bähbitli taslamalaryň durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşyklydyr.

Türki döwletler giň ykdysady mümkinçiliklere eýedir. Olary netijeli peýdalanmak üçin energetika, ulag-aragatnaşyk, senagat, oba hojalygy, gurluşyk, dokma, çig maly gaýtadan işlemek we ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek zerur bolup durýar. Şol bir wagtda, özara maýa goýumlary höweslendirmek, telekeçileriň arasynda gatnaşyklary giňeltmek we bilelikdäki önümçilik taslamalaryny durmuşa geçirmek üçin mundan beýläk-de amatly şertleriň döredilmegini maksadalaýyk hasaplaýarys.

Ykdysady ösüşi üpjün etmekde we sebitara gatnaşyklary giňeltmekde ulag-aragatnaşyk ulgamy strategik ähmiýete eýedir. Ýurtlarymyzyň amatly geografik ýerleşişi Merkezi Aziýany, Hazar sebitini, Günorta Kawkazy, Gara deňiz sebitini, Türkiýäni we Ýewropany birleşdirýän ulag geçelgelerini ösdürmek üçin giň mümkinçilikleri açýar. Bu mümkinçilikleri netijeli ulanmak maksady bilen, Hazarüsti halkara ulag geçelgesiniň kuwwatyny artdyrmagy möhüm hasaplaýarys. Munuň üçin biziň ýurdumyz Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň infrastrukturasyny gönükdirmäge taýýardyr.

Şeýle hem ulag ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, halkara ýük daşamalaryň şertlerini has-da kämilleşdirmek, gümrük amallaryny yzygiderli ýeňilleşdirmek we sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak zerur bolup durýar. Şol bir wagtda üstaşyr geçelgeleriň geçirijilik ukybyny ýokarlandyrmak, logistika amallaryny utgaşdyrmak we ýükleriň geçirilmegi üçin amatly şertleri döretmek boýunça tagallalarymyzy birleşdirmegi makul görýärin.

Ýene-de bir wajyp mesele daşky gurşawy goramak we tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak bolup durýar. Türkmenistan bu wezipä döwlet syýasatynyň baş ugurlarynyň biri hökmünde garaýar. Biz ekologik abadançylygy üpjün etmäge, howanyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirlerini azaltmaga, ekologik howpsuzlygy pugtalandyrmaga we durnukly ösüşiň ekologik esaslaryny berkitmäge aýratyn ähmiýet berýäris.

Mälim bolşy ýaly, suw serişdelerini tygşytly ulanmak, çölleşmä garşy göreşmek, ýerleriň zaýalanmagynyň öňüni almak we tebigy ekoulgamlary goramak möhüm meselelerdir. Olaryň netijeli çözgütleriniň tapylmagy biziň ýurtlarymyzyň milli bähbitlerine doly laýyk gelýär. Şu maksat bilen, Türkmenistan Aşgabatda Howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça we Çölleşmä garşy göreşmek boýunça sebit merkezlerini döretmek baradaky başlangyçlary Birleşen Milletler Guramasynyň derejesinde öňe sürdi. Bu merkezler ekologik meseleleriň çözülmegine, ylmy-amaly hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine we sebit derejesinde utgaşykly çemeleşmeleriň ösdürilmegine ýardam eder diýip ynanýarys.

Halklarymyzyň arasyndaky gadymy taryhy we ruhy arabaglanyşyk medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyň berk binýadyny emele getirýär. Ol medeni mirasy ösdürmek, ylym-bilime hormat goýmak, maşgala mukaddesligini sarpalamak, ulyny sylamak, myhmansöýerlik we parahatçylykly ýaşaýyş ýaly asylly ýörelgeleri özünde jemleýär. Bu gymmatlyklary has-da dabaralandyrmak maksady bilen, durmuş ulgamlarynda hyzmatdaşlygy giňeltmegi möhüm hasaplaýarys.

Ýokary okuw mekdepleriniň, ylmy-barlag merkezleriniň, döredijilik toparlarynyň we ýaşlar guramalarynyň arasynda gatnaşyklary ösdürmek, bilelikdäki bilim maksatnamalaryny we akademiki alyşmalary ýola goýmak bu ugurda täze mümkinçilikleri döreder.

Şeýle hem syýahatçylyk gatnaşyklaryny ösdürmek üçin giň mümkinçilikler bar. Biz özara syýahatçylyk alyşmalaryny giňeltmek we ýurtlarymyzyň gadymy ýadygärliklerini halkara derejede wagyz etmek üçin bilelikdäki başlangyçlary goldaýarys. Ýurtlarymyzyň taryhy ýerleri, tebigy gözellikleri we milli däpleri halkara syýahatçylygy ösdürmekde uly ähmiýete eýedir.

Halkara parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna hormat goýmak hem-de köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek biziň döwletlerimiziň öňünde duýan möhüm wezipelerdir. Şunuň bilen baglylykda, Türki Döwletleriň Guramasy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy giňeltmek aýratyn ähmiýetli bolup durýar. Munuň özi Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge, halkara derejede ynanyşmagy pugtalandyrmaga, ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge we ynsanperwer hem-de ekologik meseleleriň çözülmegine uly goşant bolar.

Bu ugurlarda ýurdumyzyň halkara başlangyçlary hem möhüm ähmiýete eýedir. Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy 2028-nji ýyly «Halkara hukuk ýyly» diýip yglan etmek barada Kararnamany kabul etdi. Bu çözgüt halkara hukugyň ähmiýetini has-da ýokarlandyrmaga, onuň kadalarynyň we ýörelgeleriniň halkara gatnaşyklarda berk berjaý edilmegine gönükdirilendir.

Hormatly döwlet Baştutanlary!

Şu günki ýokary derejeli duşuşygyň netijeleri döwletlerimiziň arasynda dostlukly hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny kesgitlemäge we bilelikdäki başlangyçlary durmuşa geçirmäge uly itergi berer diýip ynanýaryn. Şu mümkinçilikden peýdalanyp, ähli gatnaşyjy döwletleriň Prezidentlerine Türkmenistan bilen doganlyk gatnaşyklary ösdürmäge yzygiderli üns berýändikleri üçin tüýs ýürekden minnetdarlygymy bildirýärin.

Türki Döwletleriň Guramasynyň Baş sekretary hormatly Kubanyçbek Omuraliýewe Guramanyň işini netijeli guramakda we bu sammitiň üstünlikli geçirilmegine goşandy üçin sagbolsun aýdýaryn. Şeýle-de Türki Döwletleriň Guramasynyň täze Baş sekretaryna jogapkärli işinde üstünlikleri arzuw edýärin.

Sözümiň ahyrynda sammite gatnaşyjylaryň ählisine jan saglyk, bagtyýarlyk we uzak ömür, doganlyk halklarymyza bolsa abadançylyk, rowaçlyk we täze üstünlikleri arzuw edýärin.

TÜRKMENISTAN — TÜRKI DÖWLETLERIŇ GURAMASY: HOŞNIÝETLI GATNAŞYKLAR

Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda ýola goýlan ýokary derejedäki netijeli syýasy dialog söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlary öz içine alýar. Bu bolsa halklaryň bähbidini nazarlaýan köpugurly hyzmatdaşlygy yzygiderli giňeltmek üçin ygtybarly binýat bolup çykyş edýär.

30-njy oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasyna amala aşyran iş saparynyň çäklerinde Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň XIII sammitine gatnaşdy.

Ir bilen hormatly Prezidentimiz Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň köşkler toplumyna bardy. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy Prezident Rejep Taýyp Ärdogan mähirli garşylady we bilelikde ýadygärlik surata düşdüler.

Sammite gatnaşýan ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň ählisiniň bilelikde resmi surata düşmek dabarasy tamamlanandan soňra, TDG-niň döwlet Baştutanlarynyň XIII sammiti geçirildi.

Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan sammite gatnaşýan döwlet Baştutanlaryny mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edip Türkiýä gelendikleri üçin hoşallygyny beýan etdi hem-de duşuşygyň özara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge itergi berjekdigini nygtady.

Şeýle hem Prezident Rejep Taýyp Ärdogan öz çykyşynda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Türkmenistanyň Türki Döwletleriň Guramasynyň işine goşýan goşandyna ýokary baha berdi.

Türkiýäniň Prezidenti «Türkmenistanyň Prezidenti Arkadagly Serdar Berdimuhamedowa söz berýärin» diýip, döwlet Baştutanymyza çykyş etmek üçin söz berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow çykyşynyň başynda Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogana Türki Döwletleriň Guramasynyň XIII sammitine gatnaşmaga çakylyk, şeýle hem türkmen wekiliýetine görkezilen mähirli myhmansöýerlik üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň döwlet Baştutanlaryna iberen mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

2

WATAN DIŇE HALKY BILEN WATANDYR!

KÖPUGURLY HYZMATDAŞLYGY GIŇELTMEK UGRUNDA TAGALLALAR

Kökleri asyrlaryň jümmüşine uzaýan hem-de taryhyň, diliň we ruhy gymmatlyklaryň umumylygyna esaslanýan türkmen-türk gatnaşyklary bu gün täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylyp, hil taýdan täze derejä çykarylýar. 29-njy oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň XIII sammitine gatnaşmak üçin iş sapary bilen Türkiýe Respublikasyna ugrady.

Türki Döwletleriň Guramasy (TDG) bu gün halkara gatnaşyklar ulgamynda möhüm orun eýeläp, durnukly ösüşi üpjün etmek hem-de sebit hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak boýunça gatnaşyjy ýurtlaryň tagallalaryny birleşdirmek üçin netijeli mehanizm bolup çykyş edýär. Bu düzüm energetika, ulag, logistika, medeni-ynsanperwer ulgamlarda hereketleri utgaşdyrmak üçin binýady kemala getirýär.

Türkmenistan oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine we parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyna eýermek bilen, syncy ýurt hökmünde Türki Döwletleriň Guramasynyň işine işjeň gatnaşýar. Ýurdumyz bu gurama medeni dialogy ilerletmek hem-de ynanyşmagy pugtalandyrmak üçin möhüm meýdança hökmünde garaýar. Bu bolsa Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlaryna doly laýyk gelýär.

Türki Döwletleriň Guramasy bilen hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge hem-de täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz uly şahsy goşant goşýar. Gahryman Arkadagymyzyň türki dünýäni jebisleşdirmäge, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy giňeltmäge hem-de häzirki döwrüň möhüm meselelerini bilelikde çözmäge gönükdirilen döredijilikli başlangyçlary gurama agza döwletleriň Baştutanlarynyň giň goldawyna we ýokary bahasyna mynasyp bolýar.

Türki Döwletleriň Guramasyna gatnaşýan döwletleriň Baştutanlary Türki döwletleriň medeni seýilgähiniň açylyş dabarasynyň geçirilýän ýerine bardylar.

Seýilgähde türki halklaryň taryhyna degişli dürli binalaryň nusgalary ýerleşdirilipdir.

Soňra belent mertebeli myhmanlar bu ýerde bag nahallaryny ekdiler. Taryhy kökleriň, ruhy we ahlak gymmatlyklarynyň, däp-dessurlaryň umumylygyny alamatlandyrýan bu seýilgähde ýaş bag nahallarynyň oturdylmagy aýratyn many-mazmuna eýe boldy.

Dabaranyň barşynda döwlet Baştutanlary bu ýerde ýaýbaňlandyrylan aýdym-sazly çykyşlara tomaşa etdiler.

Şeýle çykyşlar we medeni çäreler doganlyk döwletleriň kuwwatly döredijilik mümkinçiligini hem-de ruhy baýlygyny aýdyň şöhlelendirýär. Munuň özi halklary has-da ýakynlaşdyrmaga, özara ynanyşmagy pugtalandyrmaga, şeýle hem umumy taryhy-medeni mirasy halkara giňişlikde wagyz etmäge ýardam berýär.

Soňra döwlet Baştutanlary bilelikde ýadygärlik surata düşdüler.

Döwlet Baştutanlary türki dilli döwletleriň milli ak öýlerini synladylar.

Bu ýerde türkmeniň ak öýi dikilip, onda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşy we milli aýratynlyklary şöhlelendirilýär. Ak öý hemişe halkymyzyň myhmansöýerliginiň nyşany bolupdyr. Ak öýüň içinde türkmen halkynyň gündelik durmuşynda ulanan öý esbaplary, milli lybaslary, saz gurallary we beýlekiler ýerleşdirilipdir.

Şeýle hem ýurdumyzyň medeniýet we sungat ussatlarynyň ýerine ýetirmeginde aýdym-sazly çykyşlar ýaýbaňlandyryldy. Olarda milli mirasymyzyň, medeniýetimiziň we türkmen halk döredijiliginiň ajaýyp nusgalary öz beýanyny tapdy. Joşgunly «küştdepdi» tansynyň ýerine ýetirilmegi çärä aýratyn öwüşgin çaýdy.

Ak öýüň ýanynda halkymyzyň göz guwanjy bolan ahalteke bedewiniň heýkeli oturdylypdyr. Gadymy türkmen topragynda pederlerimiz tarapyndan asyrlaryň dowamynda kemala getirilip, umumadamzat gymmatlygyna öwrülen behişdi bedewlerimiz Ýer ýüzünde bar bolan tohum atlaryň arasynda dünýäniň iň naýbaşylarynyň biri hasaplanýar. Eýesine wepadarlygy, gözelligi we ýyndamlygy bilen halkymyzyň buýsanjyna, ýakyn syrdaşyna öwrülen behişdi bedewlerimiz il-günümiziň uçar ganatydyr, köňül buýsanjydyr.

Dabaranyň dowamynda döwlet Baştutanlary Türkiýäniň milli halk oýunlaryna tomaşa etdiler.

Açylyş dabarasyndan soňra döwlet Baştutanlary «Malazgirt» çäreler merkezine bardylar.

Bu ýerde medeni maksatnamanyň çäklerinde ýaýbaňlandyrylan milli we etnosport oýunlary kökleri müňýyllyklaryň jümmüşine uzap gidýän däpleriň dowamata atarylýandygynyň aýdyň beýany boldy. Täsirli atly çykyşlar we etnografik görkezilişler türki halklaryň asyrlar aşyp gelýän durmuş ýörelgelerini açyp görkezdi. Olarda bedew hemişe erkanalygyň, okgunlylygyň we wepadarlygyň nyşany bolup durýar.

Çäräniň dowamynda türki döwletleriň medeniýet we sungat ussatlary çykyş etdiler. Konsert maksatnamasy dürli halklaryň asyrlarboýy dowam edip gelýän özboluşly däp-dessurlaryny şöhlelendirýän milli aýdym-sazlary öz içine aldy.

«Mugallymlar gazeti».

TÜRKMENISTAN — TÜRKI DÖWLETLERIŇ GURAMASY: HOŞNIÝETLI GATNAŞYKLAR

Döwlet Baştutanymyz duşuşygyň Türkiýe Respublikasynyň milli baýramy bolan Respublika güni bilen gabat gelmeginiň aýratyn many-mazmunyny belläp, bu şanly baýram mynasybetli Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogany we ähli doganlyk türk halkyny tüýs ýürekden gutlady hem-de Türkiýe Respublikasyna mundan beýläk-de gülläp ösüş, abadançylyk we täze üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Türki Döwletleriň Guramasynyň Baş sekretary Kubanyçbek Omuraliýewe guramanyň işini netijeli guramakda we bu sammitiň üstünlikli geçirilmegine goşandy üçin minnetdarlyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz çykyşynyň ahyrynda Türki Döwletleriň Guramasynyň täze Baş sekretaryna jogapkärli işinde üstünlikleri, sammite gatnaşyjylaryň ählisine jan saglyk, bagtyýarlyk, uzak ömür, doganlyk halklara bolsa abadançylyk, rowaçlyk we täze üstünlikleri arzuw etdi.

Döwlet Baştutanymyzyň çykyşy uly üns bilen diňlenildi.

Sammitiň dowamynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek, sanly ykdysadyýeti ösdürmek, söwda we gümrük amallaryny ýeňilleşdirmek, ulag-logistika geçelgeleriniň mümkinçiliklerini artdyrmak, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak bilen baglanyşykly meseleler barada pikir alşyldy. Şeýle hem gatnaşyjy ýurtlar üçin özara gyzyklanma bildirilýän möhüm sebit we halkara meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Günüň ikinji ýarymynda döwlet Baştutanymyz Ankaradaky Hajettepe uniwersitetine bardy. Bu ýerde hormatly Prezidentimize halkara gatnaşyklar ugry boýunça hormatly doktor derejesini bermek dabarasy boldy.

Hajettepe uniwersitetinde hormatly Prezidentimizi Türkiýe Respublikasynyň wise-prezidenti Jewdet Ýylmaz hem-de bu ýokary okuw mekdebiniň rektory Mehmet Jahit Güran mähirli garşyladylar. Uniwersitetiň talyplary döwlet Baştutanymyza gül dessesini gowşurdylar.

Soňra hormatly Prezidentimiz Türkiýe Respublikasynyň wise-prezidenti Jewdet Ýylmaz we Hajettepe uniwersitetiniň rektory bilen bilelikde ýadygärlik surata düşdi.

Dabara Türkmenistanyň resmi wekiliýetiniň agzalary we Türkiýäniň resmi adamlary, uniwersitetiň professor-mugallymlary, şeýle hem Türkiýede bilim alýan türkmen talyplary gatnaşdylar.

Dabarada, ilki bilen, uniwersitetiň prorektoryna söz berildi. Ol öz çykyşynda hormatly Prezidentimiziň gazanan üstünlikleri barada aýdyp, Hajettepe uniwersitetiniň Senatynyň Türkmenistanyň Prezidentine halkara gatnaşyklar ugry boýunça hormatly doktor derejesini bermek baradaky kararyny okady.

Soňra Hajettepe uniwersitetiniň rektory Mehmet Jahit Güran, Türkiýe Respublikasynyň wise-prezidenti Jewdet Ýylmaz çykyş etdi.

Dabaraly ýagdaýda hormatly Prezidentimize halkara gatnaşyklar ugry boýunça hormatly doktor derejesiniň degişli diplomy gowşuryldy.

Soňra çykyş etmek üçin hormatly Prezidentimize söz berildi.

Döwlet Baştutanymyz Türkiýe Respublikasynyň Hajettepe uniwersitetiniň «Halkara gatnaşyklar ugry boýunça hormatly doktory» derejesiniň berilmegi mynasybetli uniwersitetiň rektory, professor, doktor Mehmet Jahit Gürana, uniwersitetiň Senatynyň agzalaryna we ähli professor-mugallymlaryna tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, bu hormatly ady diňe bir özüne berlen sylag hökmünde däl, eýsem, Türkmenistanyň halkara gatnaşyklary ösdürmek, parahatçylygy we ynanyşmagy pugtalandyrmak, döwletleriň arasynda parahatçylygy we ynanyşmagy giňeltmek ugrunda alyp barýan işlerine berlen ýokary baha hökmünde kabul edýändigini aýtdy hem-de bu derejäniň berilmeginde Türkmenistanyň we Türkiýe Respublikasynyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň, taryhy we ruhy ýakynlygyň öz beýanyny tapýandygyna ynam bildirdi.

Dabara tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz uniwersitetiň rektory bilen hoşlaşyp, bu ýerden ugrady.

Soňra döwlet Baştutanymyza Türkiýäniň Daşary ykdysady gatnaşyklar geňeşi (DEIK) tarapyndan «Strategik dostluk nyşanynyň» gowşurylyş dabarasy boldy.

Bu ýerde belent mertebeli myhmany Türkiýäniň Daşary ykdysady gatnaşyklar geňeşiniň (DEIK) başlygy Nail Olpak mähirli garşylady.

Soňra Türkiýäniň Daşary ykdysady gatnaşyklar geňeşiniň başlygy Nail Olpak, Türkiýe Respublikasynyň wise-prezidenti Jewdet Ýylmaz çykyş etdi.

Dabaraly ýagdaýda Türkmenistanyň Prezidentine Türkiýäniň Daşary ykdysady gatnaşyklar geňeşi (DEIK) tarapyndan «Strategik dostluk nyşanynyň» gowşurmak barada kararyň kabul edilendigi yglan edildi we hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa «Strategik dostluk nyşany» we ýörite şahadatnama gowşuryldy.

Dabara tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz Türkiýäniň Daşary ykdysady gatnaşyklar geňeşiniň başlygy bilen hoşlaşyp, bu ýerden ugrady.

Türkiýe Respublikasyna iş saparynyň maksatnamasy tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz Ankara şäheriniň Etimesgut howa menziline bardy.

Döwlet Baştutanymyz bu ýerden Watanymyza ugrady.

Birnäçe sagatdan soňra hormatly Prezidentimiziň uçary paýtagtymyzyň Halkara howa menziline gelip gondy. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy ýurdumyzyň resmi adamlary mähirli garşyladylar. Olar hormatly Prezidentimizi Türkiýe Respublikasyna iş saparynyň hem-de Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň XIII sammitiniň üstünlikli geçmegi bilen tüýs ýürekden gutladylar.

Şeýle hem olar hormatly Prezidentimizi halkara gatnaşyklar ugry boýunça hormatly doktor derejesiniň berilmegi hem-de Türkiýe Respublikasynyň Daşary ykdysady gatnaşyklar geňeşiniň «Strategik dostluk nyşany» bilen sylaglanylmagy mynasybetli tüýs ýürekden gutlap, Arkadagly Gahryman Serdarymyza hem-de Gahryman Arkadagymyza berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli alyp barýan işleriniň mundan beýläk-de rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdiler.

Hormatly Prezidentimiz gutlaglar üçin minnetdarlyk bildirip, hemmelere üstünlik arzuw etdi we bu ýerden ugrady.

Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Türkiýe Respublikasyna amala aşyran iş sapary iki doganlyk ýurduň arasyndaky hoşniýetli gatnaşyklaryň we strategik hyzmatdaşlygyň mizemezdigini ýene bir gezek subut etdi.

«Mugallymlar gazeti».

NETIJELI HYZMATDAŞLYK

30-njy oktýabrda Türkiýe Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Çalyk Holding» kompaniýalar toparynyň dolandyryjylar geňeşiniň başlygy Ahmet Çalygy kabul etdi.

Işewür wagt tapyp kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyzyň Türkiýä amala aşyrýan saparynyň taryhy ähmiýetini belledi. Işewür hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistanda ähli ugurlarda gazanylýan uly üstünliklere Türkiýede ýokary baha berilýändigini aýtdy hem-de pursatdan peýdalanyp, döwlet Baştutanymyzy Hajettepe uniwersitetiniň halkara gatnaşyklar ugry boýunça hormatly doktory derejesiniň berilmegi we Türkiýe Respublikasynyň Daşary ykdysady gatnaşyklar geňeşiniň «Strategik dostluk nyşanynyň» gowşurylmagy mynasybetli tüýs ýürekden gutlady. Şeýle hem Ahmet Çalyk Gahryman Arkadagymyza mähirli salamyny hem-de iň gowy arzuwlaryny ýetirmegini döwlet Baştutanymyzdan haýyş etdi.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, türkmen-türk dost-doganlyk gatnaşyklarynyň yzygiderli pugtalandyrylýandygyny, ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň birnäçe ugurlarda üstünlikli alnyp barylýandygyny belledi.

«Mugallymlar gazeti».

3-nji noýabr — Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň güni

BELENT BINALARYŇ ÝALKYMY

Häzirki ajaýyp döwrümizde ýurdumyzda beýik binalar, döwrebap desgalar gurlup ulanmaga berilýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyz beýik ösüşlere beslenýär. Gurulýan döwrebap binalar, ýaşaýyş jaýlary ýurdumyzyň ösüşlerini aýdyň görkezýär. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde gurlup ulanmaga berilýän belent binalar, ajaýyp desgalar beýik ösüşleriň şuglasydyr.



Şäherlerimiziň, umuman, ýurdumyzyň ajaýyp binalar bilen gözelleşmeginde gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň mynasyp paýy bardyr. Bu günki günde beýik binalar köňlümizi buýsandyrýar. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny mynasyp dowam edýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda täze binalar, döwrebap desgalar gurlup ulanmaga berilýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hem gurluşyk we senagaty ösdürmek, sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Häzirki zaman binagärligini ösdürmekde işler ylmy esasda ýola goýulýar, ýokary bilimli hünärmenleriň täze nesli kemala gelýär. Bu babatda şu ýyl gurlup ulanmaga berlen Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumyny aýratyn bellemek gerek. Bu ýokary okuw mekdebiniň maddy-enjamlaýyn binýady we ýokary hünär derejeli professor-mugallymlar düzümi bolup, bularyň ählisi talyp ýaşlara häzirki zaman bilimini bermekde giň mümkinçilikleri döredýär. Netijede, binagärligiň we gurluşygyň ylmy esaslary ösdürilýär, kämil hünärmenler taýýarlanylýar. Bu kämil hünärmenler ýurdumyzyň gurluşyk we senagat toplumynyň pudaklaýyn edaralarynda, kärhanalarynda işleri alyp barýarlar.

Häzirki döwürde ajaýyp binalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň gurlup ulanmaga berilýändigini bellemek gerek. Gözel ýurdumyzda bina edilýän ajaýyp binalaryň her biri milli öwüşginler bilen bezelýär, döwrebap keşbe eýe bolýar. Esasan hem, ýaşaýyş jaýlarynda şeýle milli aýratynlyklary, binagärlik sungatyny görmek bolýar. Has takygy, binalaryň milli öwüşginli şekiller bilen bezelmegi, ak mermere beslenmegi ýaly aýratynlyklar bada-bat ünsüňi çekýär. Iň esasy hem iki tarapy gözel binalara beslenen ýoluň döwrebap enjamlaşdyrylýandygyny, ýşyklar bilen bezelýändigini bellemelidir. Hut şunuň özi hem şähergurluşyk işleriniň çuňňur many-mazmuna beslenýändigini alamatlandyrýar.

Belent binalaryň ajaýyp nusgasyny Arkadag şäherinde aýdyň görýäris. Dünýä nusgalyk bu ajaýyp şäherde gurluşygyň iň kämil derejesini görmek bolýar. Çünki döwrebap binalar «akylly» şäher konsepsiýasyndan ugur alýar. Bu bolsa her bir binanyň, ýaşaýyş jaýynyň sanly ulgamyň iň täze gazananlary bilen üpjün edilendigini, internet ulgamynyň iň ýokary derejesiniň mümkinçiligine eýedigini beýan edýär. Köpetdagyň ajaýyp dag eteklerinde ýerleşýän täze şäher öňdebaryjy sanly, maglumat-aragatnaşyk we «ýaşyl» tehnologiýalara esaslanýan «akylly» şäheriň aýdyň nusgasydyr. Bu ýerde ekologiýa ýaly möhüm ugra aýratyn üns berilýär. Mysal üçin, desgalaryň gurluşygynda sanly ulgama aýratyn üns berildi. Şonuň netijesinde bagtyýar ildeşlerimiz şeýle döwrebap jaýlarda ýaşaýarlar, iň häzirki zaman edaralarda döredijilikli zähmet çekýärler. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyzda iň kämil, döwrebap binalaryň gurulýandygyny aýdyň beýan edýär.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde bu ägirt uly şähergurluşyk taslamasynyň durmuşa geçirilmegi Türkmenistanda amala aşyrylýan durmuş ugurly we ýurdumyzy hemmetaraplaýyn ösdürmäge, onuň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga gönükdirilen döwlet syýasatynyň üstünliklere beslenýändigiň aýdyň subutnamasydyr. Mälim bolşy ýaly, häzirki döwürde Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyry batly depginlerde dowam edýär.

Häzirki ajaýyp döwrümiz gurmak, döretmek ýaly milli ýörelgelerimize esaslanýar. Şonuň üçin hem milli ýörelgelerimiziň döwrebap ösdürilýändigini her bir ugurda görmek bolýar. Muny häzirki zaman gurluşyk we binagärlik pudagynda alnyp barylýan işleriň mysalynda hem aýdyň görýäris. Esasan hem, häzirki wagtda ajaýyp hem-de döwrebap binalaryň türkmen gurluşykçylary, telekeçileri tarapyndan gurulýandygyny aýratyn belläsimiz gelýär. Elbetde, gurulýan binalaryň taslamalary taýýarlananda, ylmy esaslardan ugur alynýar. Çünki ylmy esasda, iň döwrebap şertlerde gurulýan şeýle binalar ajaýyp keşbi we ähli amatlyklary bilen tapawutlanýar. Bu bolsa ylymlybilimli hünärmenlere, alymlara döwrebap işleri alyp barmaga ähli mümkinçilikleriň we şertleriň döredilýändigini beýan edýär. Munuň özi bolsa, häzirki ajaýyp döwrümizde işlemäge we döretmäge, ýurdumyzyň ösüşlerine goşant goşmaga döredilýän mümkinçiliklerdir. Şeýle ajaýyp mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden buýsanjymyzy beýan edýäris. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

Döwletgeldi ÇARWAÝEW,
Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň ylmy işler boýunça prorektory.

BEÝIK ÜSTÜNLIKLER ROWAÇLANÝAR

Häzirki ajaýyp döwrümizde Türkmenistan ýurdumyz beýik ösüşlere beslenýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen ýurdumyzyň ykdysadyýetinde gazanylýan üstünlikler döwletimiziň ykdysady kuwwatyny artdyryp, halkara abraýyny belende göterýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylan ýylda hem uly işler durmuşa geçirilýär.

Şu ýyl ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ajaýyp binalar, täze desgalar gurlup ulanmaga berildi. Şeýle binalaryň hatarynda bilim ulgamynda açylyp ulanmaga berlen orta we ýokary okuw mekdeplerini bellemek gerek. Has takygy, hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň hem-de Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlary açylyp ulanmaga berildi. Bu bolsa ähli ugurlar bilen bir hatarda bilim ulgamynyň ösdürilýändigini, maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilýändigini alamatlandyrýar.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli amala aşyrylýan ylmy-tehniki syýasatda öňde goýlan ulgamlaýyn maksatlar ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary üçin giň dünýägaraýyşly, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamagy göz öňünde tutýar. Şu babatda ylymdan, ösen tehnologiýalardan baş çykarýan hünärmenler taýýarlanylýar.

Adamzat jemgyýetiniň ösüşi ylym we bilim bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ylym we bilim beýik maksatlara ýetmegiň hatyrasyna jemgyýetimizi birleşdirýän, berkarar ýurdumyzyň kuwwatyny has-da artdyrýan baýlygymyzdyr. Biz bilim arkaly medeni-ruhy durmuşymyzy kämilleşdirýäris. Häzirki wagtda ylym-bilim babatda alnyp barylýan işleriň many-mazmuny hem wagyz edilýär we ýaşlara düşündirilýär. Şu nukdaýnazardan, Watanymyzyň ösüşini, şeýle hem ylym-bilimde gazanylan ösüşleriň ähmiýetini wagyz etmek möhüm wezipe bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ösüp gelýän nesiller hakyndaky alada ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu ugur, ilkinji nobatda, ýaşlaryň jemgyýetiň we döwletiň ykdysady, syýasy hem medeni durmuşyna ynamly gatnaşmagy, hukuklarynyň we azatlyklarynyň amala aşyrylmagy üçin şertleriň döredilmegine gönükdirilýär. Hususan-da, bazar ykdysadyýeti şertlerinde, ylmyň hem tehnologiýalaryň ýokary depginler bilen ösýän häzirki zaman döwründe ýaşlaryň aň-bilim mümkinçiliklerini, akyl-ukyplylyk döredijiliginiň ýokarlandyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär. Alnyp barylýan giň möçberli işler ýaşlaryň kalbyna merdana ata-babalarymyzyň Watanymyza we halkymyza wepalylyk, milli ruhy-ahlaklylyk, zähmetsöýerlik, erjellik, maksada okgunlylyk, sagdynlyk, raýatlyk borjuňy berjaý etmek däplerini ornaşdyrmagy maksat edinýär. Ýurdumyzda ýaşlary ylma çekmek, olaryň ylmy gözlegler bilen meşgullanmaklaryny höweslendirmek boýunça uly işler alnyp barylýar. Bu bolsa kämil hünärmenleriň kemala gelmegini, jemgyýetimizde ylym-bilimiň ösdürilmegini talap edýär. Çünki milli ykdysadyýeti ösdürmek boýunça ylmy-innowasion syýasatda, ylmyň ileri tutulýan ugurlary boýunça gazanylýan üstünliklerde ylym ulgamynyň öňünde duran möhüm wezipeleriň orny uludyr. Hut şu nukdaýnazardan, ylym-bilimi ösdürmäge we asylly ýörelgeleri durmuşa geçirmäge gönükdirilen birnäçe işler alnyp barylýar.

Şemşat KURBANOWA,
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň magistri.

ÖZGERTMELERIŇ ŞUGLASY

Häzirki ösen döwür sanly ulgamyň mümkinçiliklerini dünýä ýaýýar. Sanly ulgamyň mümkinçiliklerini öwrenmek we geljek nesillere ýetirmek işinde bilim işgärleriniň hem mynasyp paýy bardyr. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ýaş nesilleriň kämil bilimleri özleşdirmeklerinde giň mümkinçilikler döredilýär.

Ýurdumyzda ýaş nesilleriň ösen döwrüň talaplaryna laýyk düýpli bilimli, terbiýeli, sagdyn bolmagy, dürli hünärleri ele almagy we ylmy döredijilige gönükdirilmegi, ata-babalarymyzyň asylly ýörelgelerine wepaly adamlar bolup ýetişmegi üçin maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Bu babatda halkara hyzmatdaşlygyň hem ösdürilýändigini bellemek gerek. Çünki häzirki zehinli ýaşlarymyz halkara derejesinde geçirilýän ders bäsleşiklerine gatnaşyp, ýokary üstünliklere eýe bolýarlar. Şeýle hem ýurdumyzda geçirilýän ylmy maslahatlar, dürli ders bäsleşikleri dünýä ýurtlarynyň ýaşlarynyň ünsüni özüne çekýär. Bu bolsa ýurdumyzda kämil hünärmenleriň kemala gelýändigini beýan edýär.

Türkmen jemgyýetiniň milli we umumadamzat gymmatlyklary esasynda ösmegi we kämilleşmegi, raýatlaryň döwrebap bilim öwrenmekleri üçin şertleriň döredilmegi, şol sanda bilim ulgamynyň ösdürilmegi aýratyn many-mazmuna eýedir. Munuň özi ýurdumyzyň ykdysady ösüşine hem oňat täsirini ýetirýär. Çünki kämil hünärmenler, bilimli ýaşlar ykdysady ösüşe uly goşant goşýarlar. Şeýle hem ýurdumyzy dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna çykarmakda alnyp barylýan işlerde sanly ulgama oňat düşünýän bilimli ýaşlaryň hünär başarnyklary berk binýat bolup durýar.

Ýaşlaryň aň-düşünjesini döwrebaplaşdyrmak, olary öňe alyp gitmek, bilim öwretmekde döwrebap usullary ulanmak bilen berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak ýaly işler şu günüň nukdaýnazaryndan alanyňda diýseň uly ähmiýete eýedir. Maglumat tehnologiýalarynyň özeni bilimiň, ylmyň iň täze gazananlaryna esaslanýar. Hut şu nukdaýnazardan, häzirki döwürde sanly ulgam ösdürilýär hemde şunuň bilen bir hatarda, kämil hünärmenleriň täze nesli kemala gelýär. Bu bolsa sanly ulgamda uly üstünlikleriň gazanylýandygyny, bilimli hünärmenleriň başarnyklarynyň ösdürilýändigini aýdyň beýan edýär.

Myrat NURMÄMMEDOW,
Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň uly mugallymy.

KÄMILLIGIŇ BERK BINÝADY

Garaşsyz Watanymyzyň röwşen geljegi ylym-bilim bilen berk baglanyşyklydyr. Hut şu nukdaýnazardan, häzirki ajaýyp döwrümizde ylym-bilim ösdürilýär, kämil ýaşlar kemala getirilýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen bilim özgertmeleri üstünliklere beslenýär. Şeýle belent üstünliklere her bir ildeşimiz tüýs ýürekden buýsanýar.



Häzirki ajaýyp döwürde, berkarar döwletde beýik işler rowaçlyklara beslenýär. Belent maksada gönükdirilen işleriň netijesinde milli ykdysadyýetimiziň pudaklary üstünlige eýe bolýar. Şeýle pudaklarda bilimli ýaşlaryň, döwrebap mümkinçiliklerden peýdalanýan hünärmenleriň zähmet çekýändigini aýratyn bellemek gerek. Şeýle hünärmenleriň taýýarlanylmagynda bilim ojaklarynyň mynasyp işleri alyp barýandygyny belläsimiz gelýär. Milli bilim ulgamymyzda gazanylýan üstünlikler, ýetilýän belent sepgitleriň guwandyryjy netijeleri halkymyzy ruhlandyrýar, geljegimiziň ýagty hem-de nurana boljakdygyna ynamymyzy berkidýär. Çünki Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym-bilim ösdürilýär, ýaşlaryň kämilligi üpjün edilýär.

Ýurdumyzda bilim ulgamyny mundan beýläk hem ösdürmäge, kämilleşdirmäge gönükdirilen giň gerimli özgertmelere badalga berilýär. Bilim özgertmeleri Watana, halka wepaly, giň gözýetimli, sanly ulgama düşünýän ýaşlary kemala getirmäge ýardam berýär. Hut şu nukdaýnazardan, bilim özgertmeleriň baş maksady kämil nesilleri kemala getirmekdir. Milli bilim ulgamynda okatmagyň we bilim öwretmegiň iň kämil usullary durmuşa ornaşdyrylýar. Bu bolsa ýaş nesilleriň ylym-bilimi özleşdirmeklerine oňat täsir edýär. Bu babatda ýurdumyzda bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylýandygyny hem bellemek gerek.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň bilim ojaklarynda döwrebap tehnologiýalardan peýdalanmak üstünlikli ýola goýuldy. Döwrebap ylym-bilim ojaklarynda ýokary tehnologiýalardan baş çykarýan hünärmenleri taýýarlamak üçin zerur şertler döredildi. Munuň hut şeýledigini Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde gurlup ulanmaga berilýän orta we ýokary okuw mekdepleriniň täze binalarynda hem görmek bolýar. Ýurdumyzyň bilim ojaklarynda ornaşdyrylan iň täze tehnologiýalar, kompýuter enjamlary, barlaghanalar okatmagyň häzirki zaman usullaryny ösdürmäge ýardam berýär. Durmuşa geçirilýän giň gerimli, döwrebap özgertmeler milli bilim ulgamynyň işiniň mundan beýläk-de rowaçlyklara beslenmegini üpjün edýär.

Arzygül BERDIÝEWA,
Ak bugdaý etrabyndaky tebigy we takyk ugurly okuw derslerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 46-njy orta mekdebiň müdiri.

Usulyýet — sapagyň esasy

BEDENTERBIÝE SAPAGYNDA OÝUNLAR



Orta mekdepleriň ähli synplarynda bedenterbiýe sapaklarynda çalt hereketli we milli oýunlaryň birnäçe görnüşleri guralýar. Bu oýunlar okuwçylarda ýörite taýýarlygy talap etmeýär. Olar dürli görnüşlerde bolup, synplar boýunça okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna baglylykda guralsa has-da täsirli bolýar.

1 — 4-nji synplaryň okuwçylary üçin «Aýterek-Günterek», «Awçy we ördekler», «Kim birinji?» diýen ýaly bilim we terbiýeçilik esasynda hereketli oýunlary oýnatmak ähmiýetlidir.

5 — 7-nji synplarda, köplenç, hereketli sport oýunlary guralýar. Bedeni ösdüriji maşklara «Garşylykly estafeta», «Tanap çekişmek», «Kim güýçli?» we beýleki oýunlar degişlidir.

8 — 9-njy synplarda towusmak we zyňmak hereketleri bilen baglanyşykly oýunlar guralýar. Olara «Woleýbolçylaryň ýaryşy», «Pökgini ýere urup, alyp gitmek we tora salmak», «Ýaglyga towusmak» ýaly oýunlar degişlidir.

Ýokary synp okuwçylaryň bedenleriniň fiziki başarjaňlygyny artdyrmak maksady bilen dürli beden maşklaryny ýerine ýetirmek maksadalaýykdyr.

Çalt hereketli we milli oýunlar ýaş nesliň ýatkeşligini ösdürýär hem-de bedenini hemmetaraplaýyn terbiýelemegiň esasy serişdeleriniň biri bolup durýar.

Biz oýunlarda hereketiň esasy görnüşleri bolan ýöremegi, ylgamagy, bökmegi, zyňmagy, päsgelçiliklerden geçmegi göz öňünde tutýarys. Oýunlary dogry guramak okuwçylaryň ünsüni, akyl ýetirişini, çeýeligini, çydamlylygyny kämilleşdirýär, şeýle-de olaryň arasynda dostlugy we agzybirligi pugtalandyrýar.

Oýunlar, köplenç, açyk howada sport meýdançasynda guralýar. Munuň özi saglyk üçin hem peýdalydyr. Oýunlar açyk howada guralanda, meýdançanyň talabalaýyk bolmagy hökmandyr. Gerek bolan enjamlar öňünden taýýar edilip goýulmalydyr. Mugallym oýnuň dowamynda okuwçylaryň her bir hereketine berk gözegçilik etmelidir. Geljekki nesliň sagdyn, berk bedenli, kuwwatly, pähim-paýhasly bolup ýetişmeginde türkmen milli oýunlarynyň ähmiýeti uludyr.

Tirkeş GAÝYPOW,
Akdepe etrabyndaky 54-nji orta mekdebiň mugallymy.

BAŞLANGYÇ SYNPLARDA MATEMATIKANYŇ ÄHMIÝETI

Orta mekdepleriň başlangyç synplarynda sapagy işjeň, öwrediji we döwrebap usullarda guramak arkaly okuwçylaryň bilim dünýäsine ilkinji ädimleri ädilýär hem-de geljekki bilimiň berk binýady goýulýar. Ýaş nesle döwrebap bilim bermek üçin çagalaryň sapaklara gyzyklanmasyny artdyrmak, haýsy derse höweslidigini duýmak hem-de ösdürmek başlangyç synp mugallymyndan zähmetsöýerligi, sabyrlylygy, işine täzeçil usullar we usulyýetler arkaly çemeleşmegi talap edýär.

Sapaklar şeýle usulda guralanda mugallymyň hem iş tejribesiniň baýlaşmagyna, ussatlygynyň artmagyna ýardam edýär.

Başlangyç synplarda matematika sapagy gyzykly guramaga ýardam edýär.

Meselem, «Sanlar dükany» oýnunda multimedia tagtada dükanyň şekili görkezilýär. Okuwçylar topara bölünip, alyjy we satyjy bolup, harytlaryň bahasyny hasaplaýarlar. Bu usul goşmak we aýyrmak amallaryny durmuş bilen baglanyşdyrmaga kömek edýär. «Kim tiz hasaplar?» oýnunda okuwçylar berlen meseleleri çalt we dogry çözmäge çalyşýarlar. Bu oýun çagalaryň ünsüni jemleýär we olaryň çalt hasaplama endigini ösdürýär.

Interaktiw usulda multimedia tagtasynda geçirilýän oýunlar okuwçylaryň gyzyklanmasyny has-da artdyrýar. Olar diňe bir diňleýji bolman, eýsem, oňat netije berýär. Meselem, «Geliň, uly kwadratyň içine näçe sany kiçi kwadratyň sygýandygyny tapalyň!» diýen ýaly ýagdaý döredilende, okuwçylar ünsüni jemläp, oýlanyp başlaýarlar, olaryň logiki pikirlenmesi artýar.



Başlangyç synplarda matematika sapaklaryny döwrebap we işjeň usulda guramak, okuwçylarda bu ugra höwes döredýär. Öz wagtynda bu ugurdaky höwesi, yhlasy goldanylan okuwçy ýokary synplarda has çylşyrymly meseleleri, mysallary aňsatlyk bilen çözmäge ukyply bolýar. Şonuň üçin her bir başlangyç synp mugallymy döwrüň talaplaryna laýyklykda, öz iş usullaryna täzeçillikleri girizip, olary yzygiderli kämilleşdirip durmalydyr.

ka sapagy okuwçylaryň pikirleniş ukybyny, ýadyny we logiki pikirlenişini ösdürmekde möhüm ähmiýete eýedir. Matematika sapagyny işjeň we döwrebap usullar bilen guramak geljegiň kämil şahsyýetlerini ýetişdirmekde örän ähmiýetli bolup durýar. Bu sapagy netijeli guramakda dürli usullar ulanylýar. Şolaryň arasynda oýunlara aýratyn orun degişlidir. Öwrediji, ösdüriji oýunlar başlangyç synp okuwçylarynyň matematika bolan höwesini artdyryp, sapaga işjeň gatnaşýarlar. Mysal üçin, «Dogry jogaby saýla!» oýnunda interaktiw tagtada birnäçe jogap görkezilýär. Okuwçy berlen mysaly çözüp, dogry jogaby saýlaýar. «Sanlary ýerleşdir!» oýnunda bolsa okuwçylar sanlary kiçiden ulusyna ýa-da uludan kiçisine dogry tertipde ýerleşdirýärler. Bu oýun olarda san düşünjesini berkitmäge kömek edýär.

Toplanan tejribä esaslanyp aýdanymyzda, okatmagyň oýun usulynyň başlangyç synplar üçin has-da netijelidigini bellemek gerek. Mugallymyň döwrebap tehnologiýalaryň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmagy, interaktiw tagtalar we ýörite ykjam goşundylar sapagyň täsirliligini artdyrmaga ýardam edýär.

Şu ýerde matematika sapagynyň diňe bir şahsy başarnygy däl, eýsem, toparlaýyn pikir alyşmagy hem ösdürýändigini bellemek gerek. Okuwçylary 3-4 çagadan ybarat bolan kiçi toparlara bölüp, bilelikde mesele çözdürmek olarda birek-birege ýardam bermek, arkalaşyk duýgularyny ösdürýär.

Mugallymyň sapakda mysalyň ýa-da meseläniň çözüliş ýoluny göni aýtman, eýsem, çagany oňa eltýän soraglar bilen ugrukdyrmagy hem

Gülsara JUMAGELDIÝEWA,
Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 140-njy orta mekdebiň mugallymy.

BILIM ULGAMYNDA HALKARA TEJRIBELER ÖWRENILÝÄR

Ýakynda, has takygy, 18 – 24-nji oktýabr aralygynda Türkmenistanyň bilim ulgamynyň wekillerinden düzülen topar Portugaliýa Respublikasynyň Lissabon şäherine iş saparyny üstünlikli amala aşyrdy. Bu iş saparynyň maksady Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) guramagynda geçirilen inklýuziw bilim we maýyplygy bar bolan adamlary, şol sanda saglyk mümkinçilikleri çäkli çagalary goldamagyň integrirlenen ulgamy boýunça halkara tejribesini öwrenmekden ybarat boldy.

Portugaliýa döwrebaplaşdyrylan bilim ulgamy, bu babatda öňdebaryjy tejribesi, inklýuziw bilim ulgamy, ýagny maýyplygy bolan adamlar, şol sanda çagalar üçin adam hukuklaryna esaslanýan hemmetaraplaýyn inklýuziw gurşawy bolan ýurt hasaplanylýar.

Portugaliýa döwletine iş saparynyň dowamynda türkmen hünärmenleri inklýuziw bilim we maýyplygy bar bolan adamlary goldamaklygyň integrirlenen inklýuziw gurşawy babatda ýurtda toplanan oňyn tejribeler, amaly çemeleşmeler hem-de utgaşdyrylan hyzmatlar ulgamy bilen ýakyndan tanyşdylar.

Bilim ulgamynyň wekillerinden düzülen topar Lissabon şäherinde hereket edýän bilim ulgamynyň dürli basgançaklaryna degişli öňdebaryjy bilim edaralaryna, maýyplygy bolan adamlara utgaşdyrylan hyzmatlary hödürleýän ýöriteleşdirilen okuw merkezlerine baryp gördüler. Saparyň çäklerinde multidissiplinar toparlaryň (pedagoglar, psihologlar, logopedler) işini guramak, aýratyn bilim zerurlyklary bolan çagalar üçin endikleri hem-de başarnyklary ösdürmäge niýetlenen özbaşdak okuw meýilnamalaryny taýýarlamak we bilim edaralarynyň fiziki gurşawyna çagalary uýgunlaşdyrmak ýaly möhüm ugurlar boýunça giňişleýin tejribe alyşdylar. Synp otaglarynda multidissiplinar goldawyň guralyşy we munuň çagalaryň durmuşyna uýgunlaşmagyndaky amaly täsiri aýratyn synlandy. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzda adam hukuklaryna we çagalaryň bähbitlerine esaslanýan çemeleşmeler goldanylyp, halkara hukuk borçnamalaryna esaslanýan milli kanunçylyk namalarymyza laýyklykda, bilim ulgamynda deňligi, ýagny her bir çaganyň elýeterli, adalatly we ýokary hilli bilim almagyny üpjün etmek boýunça durmuşa geçirilýän özgertmeler, amala aşyrylýan köptaraplaýyn we ulgamlaýyn işler barada tejribe alşyldy.

Portugaliýa döwletine amala aşyrylan bu tanyşlyk sapary ýurdumyzda inklýuziw bilimi ösdürmekde, bu babatda pedagogik usulyýetleri kämilleşdirmekde, dürli ulgamlaryň sazlaşykly hereketiniň netijesinde saglyk mümkinçilikleri çäkli çagalar üçin niýetlenen döwrebap hyzmatlaryň giň toplumyny döretmekde, mekdebe çenli we umumybilim berýän mekdeplerde inklýuziw gurşawy has-da güýçlendirmekde möhüm amaly binýat bolar.

Milli bilim ulgamyny düýpli döwrebaplaşdyrmak, ýaş nesliň dünýä ülňülerine laýyk gelýän şertlerde bilim almagyny üpjün etmek, her bir çaganyň deňhukukly ösüşine goldaw bermek ugrundaky yzygiderli tagallalary, bilim babatda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde, öňdebaryjy tejribeleri bilim ulgamyna ornaşdyrmakda uly işler durmuşa geçirilýär.

Maral PIRLIÝEWA,
Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň mekdebe çenli bilim bölüminiň başlygynyň wezipesini ýerine ýetirijisi.

ÖSÜŞIŇ
möhüm ugurlary

Beýik ösüşleriň ýokary derejesi ylmy esaslar bilen berk baglanyşyklydyr. Hut şu nukdaýnazardan, ýurdumyzyň ösüşleri milli ykdysadyýetimiziň has-da pugtalandyrylmagy, ylmy esaslaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen berk baglanyşyklydyr. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda işler ylmy esasda ýola goýulýar, bilimli hünärmenler taýýarlanylýar. Işleriň ylmy esasda, sazlaşykly ýola goýulmagynda üstünlikli sepgitlere ýetilýär. Häzirki wagtda ýurdumyzda milli ykdysadyýetimizi ösdürmegiň çäklerinde ýokary hilli harytlar öndürilýär, eksport harytlarynyň möçberleri artdyrylýar, elektron senagaty ösdürilip, döwlet maksatnamalary üstünlikli amala aşyrylýar.



Ykdysadyýetiň netijeli ösüşi önümçilige innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen berk baglydyr. Ylym, tehnika we tehnologiýalar önümiň hilini we bäsdeşlige ukyply bolmagyna, zähmet öndürijiligini, önümçiligiň umumy netijeliligini ýokarlandyrmaga, zähmet şertlerini gowulandyrmaga ýardam edýär. Bu ugurda ýurdumyzyň pudaklarynyň önümçilik we serişde kuwwatyny berkitmek, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak, ylmy-barlag işlerini döwrüň talabyna laýyk guramak boýunça köp işler amala aşyrylýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimizi ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Şunda ulag-logistikany ösdürmek hem esasy ugurlaryň biri bolup durýar. Çünki ýurtda öndürilýän önümleri dünýä bazarlaryna çykarmakda ulag-logistikanyň aýratyn ähmiýete eýedigi bellenmäge mynasypdyr. Hut şu nukdaýnazardan, bu ugurda kämil hünärmenleri taýýarlamak, olaryň sanly ulgamy özleşdirmekleri esasy wezipe bolup durýar.

Häzirki wagtda önümçilik kuwwatyna eýe bolan ýurdumyz uly ösüşleri gazanýar, dünýäniň ösýän döwletleriniň hatarynda ornuny berkidýär. Ýurdumyzda ähli ugurlary öz içine alýan we durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge ukyply bazar gatnaşyklaryny ösdürmäge gönükdirilen özgertmeler işjeň amala aşyrylýar. Bazar gatnaşyklarynyň möhüm ugry hem ulag we aragatnaşyk bilen berk baglydyr. Bularyň ählisi ýurtlaryň we halklaryň bähbitlerine laýyk gelýär hem-de ähmumumy abadançylygyň, rowaçlygyň we ösüşiň maksatlaryna hyzmat edýär. Çünki söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ösdürilmegi ýurtlaryň arasyndaky ösüşi has-da pugtalandyrýar.

Orazberdi ORAZBERDIÝEW,
Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.

ÝAŞLAR – RÖWŞEN GELJEGIMIZ

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzda gurlup ulanylmaga berilýän orta, ýörite orta we ýokary okuw mekdepleriniň okamak, öwrenmek, ylmy işleri geçirmek üçin dünýäniň iň kämil enjamlary bilen enjamlaşdyrylmagy Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysady taýdan ösen döwletleriň hatarynda öz ornuny berkitmegine giň ýol açdy. Hormatly Prezidentimiziň ýaşlaryň durmuş-ykdysady, medeni-ynsanperwer we beýleki ulgamlarda gazanýan üstünliklerine bagyşlanan «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly eseri bu gün bagtyýar ýaşlarymyzyň ýankitabyna öwrüldi.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzda giňden bellenilen Bilimler we talyp ýaşlar gününiň yzysüre täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli sebitde ilkinji «akylly» şäher bolan Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde Gahryman Arkadagymyzyň umumy okuw sapagyny geçmegi her bir türkmenistanly üçin ýatdan çykmajak taryhy waka öwrüldi. Gahryman Arkadagymyzyň eşretli zamanamyzyň bagtyýar ýaşlary bilen yzygiderli duşuşyp, gymmatly maslahatlaryny bermegi talyp ýaşlaryň, mugallymlardyr bilim işgärleriniň kalbynda buýsanç duýgusyny oýarýar.

Milli ykdysadyýetde, medeniýetde, ruhy-jemgyýetçilik durmuşynda, ylym-bilimde ýetilen belent sepgitler halkymyzy joşgunly zähmete, täze üstünliklere ruhlandyrýar. Eziz Diýarymyzda gazanylan beýik ösüşlere, ýerine ýetirilen ägirt uly işlere, ýetilen belent sepgitlere nazar aýlamak biziň her birimiz üçin aýratyn buýsançlydyr. Häzirki wagtda ýurdumyzda kabul edilen döwlet maksatnamalary ýaş nesle döwrebap bilim bermekde, olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmakda we giň dünýägaraýyşly kämil hünärmenler edip ýetişdirmekde möhüm serişde bolup çykyş edýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli dowam edýän ylym-bilim syýasaty ýurdumyzyň kuwwatyny artdyrmaga, onuň geljegini has-da beýgeltmäge gönükdirilendir. Häzirki ajaýyp zamanamyzda milli bilim ulgamynda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler dünýäniň öňdebaryjy tejribelerini we sanly tehnologiýalary ornaşdyrmaga giň ýol açýar. Okatmagyň iň täze usullaryny we innowasion tehnologiýalary okuw işine giňden ornaşdyrmak, ýaşlary hemmetaraplaýyn goldamak, olaryň döredijilik hem-de ylmy mümkinçiliklerini açmak üçin ygtybarly hukuk gurşawyny döretmek esasy wezipeleriň hatarynda durýar.

Gurbandurdy GURBANOW,
Türkmen döwlet medeniýet institutynyň uly mugallymy.

MILLI ÝÖRELGELERE SARPA

Ýaş nesilleri milli ruhda terbiýelemek, ylym we bilim ulgamyny kämilleşdirmek häzirki wagtda Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Geljegimiz bolan ýaşlaryň innowasion tehnologiýalardan baş çykarýan, ýokary hünärli we şol bir wagtda halkymyzyň şöhratly taryhyna, baý medeniýetine, däp-dessurlaryna wepaly şahsyýetler bolup ýetişmegi ýurdumyzyň rowaçlygynyň kepilidir. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda bilim ulgamyny düýpli döwrebaplaşdyrmak we ýaşlara milli gymmatlyklar esasynda terbiýe bermek Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda amala aşyrylýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde öňe çykýar.

Ylym we bilim islendik jemgyýetiň hereketlendiriji güýjüdir. Döwrebap bilim ojaklarynyň gurulmagy, sanly ulgamyň ösdürilmegi ýaşlaryň dünýä derejesinde bilim almagyna giň ýol açýar. Häzirki döwürde ylym bilen milli terbiýe sazlaşykly ýola goýulýar. Türkmen halkynyň asyrlarboýy toplan pelsepewi mirasy, terbiýeçilik ýörelgeleri, watansöýüjilik we zähmetsöýerlik häsiýetleri ýaşlaryň kalbyna guýulmalydyr. Bu ugurda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz nusgalyk görelde görkezýär. Gahryman Arkadagymyzyň ýaşlar bilen geçirýän



duşuşyklarynda milli terbiýe meselesine hemişe aýratyn orun berilýär. Bu babatda taryhy ähmiýete eýe bolan ajaýyp mysallaryň biri hökmünde Gahryman Arkadagymyzyň şu ýylyň 2-nji sentýabrynda döwrebap Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde talyplar we okuwçylar bilen geçiren umumy okuw sapagyny aýratyn bellemek gerek.

Milli Liderimiz taryhy çykyşynda ýaş nesle ýüzlenip, örän çuňňur manyly öwüt-ündewlerini beýan etdi. Gahryman Arkadagymyz şeýle belledi: «Biz pederlerimiziň «Akylyň bahasy bolmaz, terbiýäniň — çägi» diýen pähiminden ugur alyp, nesil terbiýesine aýratyn üns berýäris. Nesillerimiziň bagtyýar ýaşamagy, hakyky watançy, ilhalar, päk ahlakly, merdana we halal adamlar bolup ýetişmekleri biziň baş maksadymyzdyr». Milli Liderimiz tehnologik ösüşi hökmany suratda ahlak gözelligi, ruhy tämizlik we milli köklere wepalylyk bilen berkitmelidigini aýratyn nygtady. Umumy sapagyň dowamynda Gahryman Arkadagymyz beýik akyldarlar bolan Muhammet Horezmi, Abu Reýhan Biruni, Ibn Sina, Mahmyt Kaşgarly, Mahmyt Zamahşary ýaly taryhy şahsyýetleriň atlaryny belläp, olaryň dünýä ylmyna goşan goşandyny mysal getirdi. Bu bolsa häzirki türkmen ýaşlarynda öz ata-babalaryna bolan buýsanjy artdyrmak we ylym ýolunda täze sepgitleri eýelemek üçin uly ruhy galkynyş boldy. Bu nusgalyk sapak ýaşlaryň ylym-bilime bolan höwesini artdyrmak bilen birlikde, olaryň kalbynda Watana bolan mukaddes söýgini, milli buýsanjy has-da berkitdi.

Gylyçnyýaz HÜMMEDOW,
Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy.

EDEP-TERBIÝE MEKDEBI

Türkmen halky edep-terbiýä uly ähmiýet berip gelýär. Halkymyz «Edepli ile ýarar» diýen ýörelgä eýerip, terbiýe meselesine örän inçelik bilen çemeleşipdir. Halkymyz nesil terbiýesinde nakyllaryň, ertekileriň we beýleki halk döredijilik eserleriniň paýhaslaryny peýdalanypdyr. Esasan hem, ýaşajyk körpelere gyzykly we terbiýe beriji ertekileri gürrüň beripdirler. Bu bolsa körpelerde dogruçyllygy, oňat häsiýetleri terbiýeläpdir.

Halk döredijilik eserleri terbiýe mekdebi bolup durýar. Çünki halk döredijilik eserleri halkyň durmuşyndan, müňýyllyklaryň tejribesinden döredilendir. Şonuň üçin hem bu eserlerde beýan edilýän paýhaslar ýaş nesle uly täsir edýär. Şeýle hem ýaş nesilleriň dil baýlygyny artdyrmak, sözleýşini kämilleşdirmek terbiýe bilen berk baglanyşyklydyr. Dil baýlyklarymyzyň esasy çeşmesi halk döredijiliginiň görnüşlerinde jemlenendir. Şu nukdaýnazardan, körpelere ertekiler gürrüň berlende, labyzly, her bir sözi düşnükli beýan etmek gerek. Bu körpe nesillerde dilimiziň sözlerini öwrenmeklerine, olaryň dünýägaraýşynyň giňemegine oňat ýardam edýär.

Heniz ene hüwdüsinden başlanýan edep-terbiýe çagalar bagynda ertekileriň üsti bilen has-da ösdürilýär. Ertekilerdäki gahrymanlaryň hereketleri çeper beýan edilende, körpelerde oňat düşünjeler ösýär. Munuň özi körpeleriň milli terbiýede terbiýelenmegine hem oňat ýardam berýär.

Edep — ynsan durmuşynyň ýaraşygy, dünýäniň bezegi.



Durmuşyň ähli gözellikleri, ajaýyplyklary ynsanyň edebinden gözbaş alýan bolsa gerek. Adamzadyň mähribanlygy, ynsanperwerligi, birek-birege hormat goýmagy, agzybirligi edep-terbiýeden gözbaş alýar. Şu nukdaýnazardan, körpeleri edep-terbiýeli nesiller hökmünde ýetişdirmek bilim işgärleriniň hem, ene-atanyň hem asylly ýörelgesi bolup durýar.

Maýsa ANNAMYRADOWA,
Sarahs etrabyndaky 2-nji çagalar bakja-bagynyň müdiri.

Sanly ulgam

DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLERE ESASLANYP

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe özgertmeleriň we ösüşiň ynamly ýoly bilen öňe barýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda ylym-bilimi ösdürmäge, watansöýüji, beden we ruhy taýdan kämil ýaşlary kemala getirmäge uly üns berilýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ähli ugurlar bilen bir hatarda, bilim ulgamynda hem döwrebap işler durmuşa geçirilýär.

Milli ýörelgelerimizden, dünýä tejribesinden ugur alnyp, bilim berlişini kämilleşdirmekde, sanly tehnologiýalary ornaşdyrmakda, usulyýeti ösdürmekde, aýratyn zehinli çagalary ýüze çykarmakda we olara dünýä dilleriniň öwredilişini mundan beýläk-de kämilleşdirmekde maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy» we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasy maksatnamalaýyn işleriň aýdyň beýanydyr. Munuň özi bilim ulgamynyň has-da kämilleşmegini, onuň mazmun taýdan baýlaşmagyny, ýaş nesliň dünýä ülňülerine laýyklykda bilim-sowat almagyny üpjün edýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde alnyp barylýan netijeli işler we amala aşyrylýan belent özgertmeler bilim ulgamynda zähmet çekýän hünärmenleriň işe bolan höwesini artdyryp, jogapkärçiligini ýokarlandyrýar. Bilim ulgamynyň ähli basgançaklaryny ýokary hilli elektron maglumatlar bilen üpjün etmek, sanly enjamlary giňden peýdalanmak arkaly bilim berlişiniň hilini ýokarlandyrmak giňden ýola goýuldy.

Ýurdumyzda innowasiýa işiniň döwrebap guralmagy we ösdürilmegi netijesinde halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi yzygiderli ýokarlanýar. Sanly bilimi giňişleýin ýola goýmak, bilim berişiň täze sepgitlere ýetmegine ýardam berýär. Eziz Diýarymyzda kompýuter tehnologiýasynyň ösmegi bilen maglumat alyş-çalşygy täze görnüşlere eýe boldy.

Häzirki döwürde ýurdumyzda bilim ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagyna, täze bilim edaralarynyň döredilmegine, olaryň maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagyna we okuw işiniň kämilleşdirilmegine aýratyn üns berilýär. Bu mümkinçilikler bilim ulgamynyň işgärleriniň öňünde täze wezipeleri goýýar.

Nabat BAGYÝEWA,
Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.

Ekologiýa

ÝURDUMYZYŇ GÖZEL TEBIGATY

Ýurdumyzyň abadançylygyna gönüden-göni täsir edýän möhüm ekologik meseleleri toplumlaýyn, ulgamlaýyn we ählitaraplaýyn çözmek, ýagny deňagramly ösüş ýörelgesi durmuş-ykdysady strategiýanyň esasyny düzýär.

Türkmenistan baý ösümlik we haýwanat dünýäsi bilen tapawutlanýar. Tebigatyň eçilen bu ajaýyp gözelligini gorap saklamak, ylmy taýdan çuňňur öwrenmek we geljekki nesillere ýetirmek häzirki döwrüň esasy aýratynlygydyr. Şu jähetden hem ýurdumyz bagy-bossanlyga bürenýär, tebigat bilen sazlaşykda ýaşamak üçin tagalla edilýär, tebigaty goramak babatda durmuşa geçirilýän işler barha rowaçlanýar. Döwletimiziň «ýaşyl» syýasaty, şol sanda ýurdumyzyň ähli künjegini gurşap alan bag ekmek maksatnamasy ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge, daşky gurşawy goramaga, biodürlüligi saklamaga hem-de rejeli peýdalanmaga gönükdirilendir.

Ýurdumyzda adam durmuşynyň we saglygynyň hökmany şerti hökmünde daşky gurşawyň hilini üpjün etmek öňe sürülýär. Şu nukdaýnazardan, daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak ulgamy Türkmenistanyň ekologiýa syýasatynyň esasy maksady bolup, häzirki we geljekki nesilleriň bähbitleri amala aşyrylýar.



Şeýlelikde, Türkmenistanyň ekologiýa syýasaty milli kanunçylygyň halkara kadalary bilen sazlaşykda daşky gurşawyň goralyp saklanmagyna, ykdysadyýetiň pudaklaryny ekologiýa taýdan howpsuz ösdürmeklige we jemgyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmäge gönükdirilendir.

Häzirki döwürde ýaş nesle ekologik terbiýe bermek, olarda tebigata bolan söýgini we jogapkärçiligi ir ýaşdan kemala getirmek esasy wezipelerimiziň biridir. Bilim işgärleri hökmünde okuwçylarymyzyň diňe bir sowat, bilim almaklary däl, eýsem, ata-babalarymyzyň paýhasyna eýerip, daşky gurşawy goramagy, gözel tebigatymyza aýawly çemeleşmegi öwretmegi hem özümiziň mukaddes borjumyz hasaplaýarys. Çünki ýaş nesillerde tebigata bolan söýgini döredip, daşky gurşawa goşant goşjak şahsyýeti kemala getirmek ertirki nurana geljegimiziň berk binýadydyr.

Oguljemal ATDAÝEWA,
Aşgabat şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 132-nji orta mekdebiň müdiri.

DIÝARYMYZ BAGY-BOSSANA BESLENÝÄR

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ekologiýa maksatnamalaryny durmuşa geçirýär. Ýurdumyz häzirki döwürde daşky gurşawyň goralyp saklanmagy hem-de onuň gözelliginiň, baýlygynyň geljege gönükdirilmegi babatda uly alada edýär. Bu ugurda bag nahallaryny köpeltmek, bagy-bossanlyga beslenýän tokaý zolaklaryny döretmek bilen baglanyşykly işler yzygider alnyp barylýar. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň ähli ýerlerinde bag ekmek dabarasy üstünliklere beslenýär. Şeýle dabaralar ýurdumyzyň raýatlarynyň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek, baý tebigy serişdelerini netijeli peýdalanmak we artdyrmak, mähriban ýurdumyzy bagy-bossanlyga beslemek boýunça alnyp barylýan ägirt uly işleriň barha rowaçlanýandygyny alamatlandyrýar.

Häzirki döwürde daşky gurşawy goramak we tebigatymyzy has-da gözelleşdirmek boýunça iri möçberli işler durmuşa geçirilýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde alnyp barylýan işleriň netijeli häsiýete eýedigini görkezýär. Amatly daşky gurşaw arkaly halkymyzyň durmuş üpjünçiligi, tebigy serişdelere aýawly çemeleşmek we olary geljek nesillere has ajaýyp görnüşde geçirmek maksady bilen, netijeli peýdalanmak döwletimiziň ekologiýa babatda alyp barýan syýasatynyň esasy ugry bolup durýar. Türkmenistan daşky gurşawy goramakda umumadamzat ähmiýetli içeri we daşary syýasaty ýöredýär. Durnukly ösüşe ýetmekde halkara tagallalaryna goldaw bermek hormatly Prezidentimiziň daşary syýasatynyň wajyp ugruna öwrüldi.

Baglar zeminiň bezegidir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyzy bagy-bossanlyga öwürmek işleri rowaçlyklara beslenýär. Halkymyzda gözel tebigat, bagy-bossanlyk hakynda paýhasly sözler bar. Şeýle paýhasly sözlere esaslanyp hem bag ekmek we idetmek ýaly asylly ýörelgeler mynasyp ösdürilýär. Bu asylly ýörelgeler bolsa halkymyzyň milli aýratynlyklara sarpa goýýandygyny, gözel tebigaty gorap saklaýandygyny aýdyň beýan edýär.

Hawa, eziz Diýarymyzda bag ekmek dabaralary geçirilip, ekologiýa abadançylygy üpjün edilýär. Ýurdumyzyň tebigatynyň gözellik dünýäsi, tämiz, arassa howa gurşawy her bir ynsana ruhy lezzet berýär. Çünki gözel tebigatymyza görk berýän bagy-bossanlyk arassa howany üpjün edýär. Ajaýyp baglar sähradyr düzlerimize, daglarymyza özboluşly gözellik goşýar. Bu, ilkinji nobatda, tebigat bilen sazlaşykly ýaşamagy, tebigatyň gözellikleriniň baýlaşdyrylmagy bolup durýar. Munuň özi ynsan kalbyny joşdurýar, buýsandyrýar, özboluşly gözelligi bilen ünsüňi çekýär.

Meret MEREDOW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.

Saglyk — baş baýlyk

GÜÝZ PASLY: SAGLYK KADALARY

- Güýz paslynda howanyň üýtgäp durýandygy sebäpli paslyň aýratynlyklaryna laýyklykda geýinmeli. Ýagmyrly günlerde ykjam aýakgaplary geýmeli.
- Sagdyn durmuş ýörelgesine eýerip, zyýanly endiklerden daşda durmaly. Ir säher we agşamara gezelenç etmeli. Beden berkidiji maşklary ýerine ýetirmeli.
- Sagdyn we kadaly iýmitlenmeli. Günüň dowamynda, mümkin boldugyça, gök önümleri we miweleri körpäk iýmeli. Nahar duzuny gerekli mukdarda ulanmaly. 2 litrden az bolmadyk arassa agyz suwuny içmeli.
- Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmeli. Elleri elmydama arassa saklamaly, ýygy-ýygydan sabyn bilen ýuwup durmaly. Iş ýeriňizde we öýleriňizde otaglaryň tämiz bolmagyny gazanmaly. Käwagt üzärlikden peýdalanmaly.
- Maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp, möwsümleýin döreýän keselleriň öňüni almak maksady bilen gyzyl burç goşulan unaş içmeli.
- Daşaryk çykmazdan ozal burnuň nemli bardasyna oksolin melhemini çalmaly.
- Eger-de maşgala agzaňyzyň biri ýiti respirator ýokanç keseli bilen näsaglan bolsa, onda maşgala lukmanyna ýüz tutup, bejergi almaly.
- Bedeniň kesele garşy durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitaplarynda beýan edilýän itburun, çopantelpek, buýanyň köki ýaly dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhemlik çaýlary maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp içmeli.
- Derman serişdelerini özbaşdak ulanman, olary lukmanyň görkezmesi bilen ulanmaly.
- Keselleriň öňüni alyş sanjymlaryny maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp, öz wagtynda almaly.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.

ABUNA — 2027

HORMATLY OKYJYLAR!

2027-nji ýylyň birinji ýarym ýyllygy üçin «Mugallymlar gazeti» gazetiniň çap görnüşine abuna ýazylyşygynyň dowam edýändigini habar beräris. Gazetimiziň çap görnüşine abuna ýazylmak üçin ýurdumyzyň «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasynyň bölümlerine ýüz tutup bilersiňiz. Şeýle hem gazetimiziň elektron görnüşine «turkmenmetbugat.gov.tm» internet sahypasynda hem-de **«Türkmenmetbugat»** mobil goşundysynda «Merkezi gazet-žurnallar we welaýat gazetleri» bukjasyndan ýazylyp bilersiňiz.

Elektron görnüşine ýazylmak üçin telefon belgimiz: 39-96-40.

XXI ASYR BILIM, ÝLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.

TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.
SANY - 18400.
Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-119791

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap beryär. Telefony: 39-95-36.